# Musulmanlar döwlet baştutanlaryna garşy nähili bolmaly?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Maşgalaň agzybir, bereketli we güýçli bolmagy üçin maşgala agzalarynyň birek-birege garşy özüni nähili alyp barmalydygynyň edebi, hak-hukugy bardyr. Mysal üçin musulman maşgalada her wagt ata baştutandyr. Haçanda maşgala ata sylag-hormat edip, her meselede onuň bilen maslahatlaşyp dursalar, atany sylasalar, maşgalada agzybirlik, birlik, doganlyk bolup, maşgala güýçlener. Emma her kim öz başyna bolsa, maşgala başyna sylag-hormat bolmasa, beter atañ arkasyndan gep-gybat edilse, sözüne gulak asylmasa maşgalada agzybirlik, bereket bolmaz. Türkmenlerimiziň aýdyşy ýaly baş bolmasa göwre läş bolar.

Ýokardaky beren mysalymyz meňzetmedir. Edil şol ýagdaýy döwlet baştutany we halk arasynda janlandyryp göreliň! Eger halk baştutana garşy çyksa, birek-biregi oňa garşy küşgürtse, öjükdirse, arkasyndan gep-gybat edip, aýyp gözlese. Jemgyýetiň içinde baştutana bolan sylag-hormat, ynam azalar we jemgyýetiň içinde gopuklyk, agzalalyk, ýigrenç, duşmanlyk, öýke-kine emele geler. Şonuň üçin hem dinimiz yslam bu meselä örän ähmiýet berýär.

Dinimiz bize musulman baştutanyny diňlemegi, halal işlerde oňa ytagat etmegi buýurýar. Hatda döwlet baştutany fasyk, günäkär adam bolsada oňa ytagat etmelidigini, onuň aýyby bar bolsa, ile-halka paş etmän, onuň düzelmegi üçin Allaha doga-dileg etmelidigini ündeýär.

Dinimiz bize baştutana garşy çykmagy, onuň arkasyndan gürlemegi, halky oňa garşy öjükdirip, küşgürmegi we olara bet-doga, gargyş etmegi haram edýär.

Musulman kişi hemişe halkyň, döwletiň we döwlet ýolbaşçylarynyň gowlugy üçin Allaha doga-dileg etmelidir.

Allah Tagala aýatda şeýle diýýär:

يَا أَيُّهَا الَّذِينَ آمَنُواْ أَطِيعُواْ اللّهَ وَأَطِيعُواْ الرَّسُولَ وَأُوْلِي الأَمْرِ مِنكُمْ

**“Eý iman edenler! Allaha ytagat ediň, Pygambere ytagat ediň we özüňizden bolan hökümdarlara ytagat ediň...”**[1]

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär:

من أطاعني فقد أطاع الله، ومن يعصني فقد عصى الله،ومن يطع الأمير فقد أطاعني، ومن يعص الأمير فقد عصاني

“**Kim maňa ytagat etse, Allaha ytagat edendir. Kim maňa garşy çyksa, Allaha garşy çykandyr. Kim (musulman) hökümdarlara ytagat etse, maňa ytagat edendir. Hökümdara garşy çykan, maňa garşy çykandyr”** [2]

اسمعوا وأطيعوا وإن استعمل عليكم عبد حبشي كأن رأسه زبيبة

“**Eger size baş tutan edip kellesi üzüme meňzeş, hebeşistanly birini goýsalarda! Diňläň we ytagat ediň”** [3]

تسمع وتطيع للأمير ، وإن ضرب ظهرك ، وأخذ مالك ؛ فاسمع وأطع

“**Hökümdary diňle we ytagat et! Hatda arkaňa uryp mal-mülküňi alsada diňle we ytagat et”** [4]

Döwlet ýolbaşçysyna doga-dileg edip durmagyň ähmiýeti barada Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär:

خِيَارُ أَئِمَّتِكُمُ الَّذِينَ تُحِبُّونَهُمْ وَيُحِبُّونَكُمْ ، وَتُصَلُّونَ عَلَيْهِمْ وَيُصَلُّونَ عَلَيْكُمْ ، وَشِرَارُ أَئِمَّتِكُمُ الَّذِينَ تُبْغِضُونَهُمْ وَيُبْغِضُونَكُمْ , وَتَلْعَنُونَهُمْ وَيَلْعَنُونَكُمْ

**“Siziň hökümdarlaryňyzyň iň ýagşysy sizi gowy gören, siziň hem ony gowy göreniňizdir, size doga-dileg edip duran, siziň hem oňa doga-dileg edip duranyňyzdyr. Baştutanlaryňyzyň iň şerlisi (erbedi) sizi ýigrenip we size lagnat aýdany, siziň hem ony ýigrenip oňa lagnat aýdanyňyzdyr. ”**[5]

Şonuň üçin ähli-sünnet ymamlary, selefimiz döwlet baştutanyna ýagşy doga-dileg edip durmagy ündäp, olara bet-doga etmegi gadagan edýärler.

Ymam el-Fudaýl bin Iýad (rahimehullah) şeýle diýýär:**“Eger meniň kabul boljak doga-dilegimiň bardygyny bilsedim, ony diňe hökümdaryň gowy bolmagy üçin ederdim. Çünki bize olaryň gowy bolmaklary üçin doga-dileg etmek buýruldy. Haksyzlyk we zalymlyk etselerde olara bet-doga etmek gadagan edildi. Çünki olaryň haksyzlygy we zulymy özleri üçin zyýandyr. Emma gowy bolmaklarynyň peýdasy bolsa, hem özlerine hem musulmanlara peýdadyr. ”**

Ymam Hasan el-Basri: (rahimehullah) şeýle diýýär:**“Hökümdaryň zulumy Allahyň jezasydyr. Allah jezasyna bolsa, gylyç bilen garşy çykyp bolmaz. Olardan diňe Allaha doga-dileg edip, toba edip we günäleri taşlamak bilen goranyp bolar. Allahyň jeza we musibetlerine garşy gylyç bilen garşy çykylsa, olar gylyçdanam kesgir**

**bolarlar."**
Başga bir rowaýatda bolsa, Hasan el-Basri Hajjaç zalyma bet-doga, gargyş edip otyran bir adamy görüp, oňa şeýle diýýär: **"Bet doga etme. Allah saňa merhamet etsin. Siz öz eden etmişiňiziň jezasyny çekýäňiz. Eger Hajjaç aýrylsa ýa-da ölse, siziň başyňyza maýmynlaryň we doňuzlaryň geçmeginden gorkýarys"**diýýär.[6]
Eger ýolbaşçy Allahyň öňünde günäkär bolunjak haram zady buýursa, onda bu meselede oňa ytagat edilmeýär!

السمع والطاعة على المرء المسلم فيما أحب وكره ما لم يؤمر بمعصية ، فإذا أمر بمعصية فلا سمع ولا طاعة

"**Halasada, halamasada musulmanyň boýnuna düşýän zat diňlemek we ytagat etmekdir. Emma günä iş buýrulsa, onda diňlemek we ytagat etmek bolýan däldir"** [7]
Bu barada Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär:

لاطاعة في معصية. إنما الطاعة في المعروف

"**Allahyň öňünde günäkär bolunjak zatda, ytagat etmek, boýun bolmak ýokdyr. Ytagat etmek diňe meşrug (halal, haýyr) işlerdedir."** [8]

Ezizi musulman doganlar asuda asmanymyz, parahat ýurdymyz üçin we ençeme sanap gutaryp bolmajak nygmatlary bize nesip edeni üçin Allah Tagala köp şükür edeliň!

Her doga-dilegimizde ähli musulmanlara, hususanam öz watanymyz, halkymyz we halkymyz üçin hyzmat edýän ýolbaşçylarymyza Allahdan güýç-kuwwat, saglyk, iman baýlygy, hidaýat diläliň!

Ata-babalarymyz bu günleri arzuw edip gitdiler.

Allah Tagala halkymyzy we watanymyzy mübärek eýlesin. Ählimize Allah Tagalaň razylygy bilen ýaşamak miýesser etsin! Ämin!

1-Nisa 4/59.

2-Sahyh Buhari we Sahyh Muslim.

3- Sahyh Buhari.

4- Sahyh Muslim.

5-Sahyh Muslim.

6-Ibnul Jewzi, Adabul-Hasan el-Basri, sahypa 119.

7-Sahyh Buhari.

8-Sahyh Buhari we Sahyh Muslim.